**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
*– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.*

#41(272)
четверг, 9 октября 2025 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА
# Международные новости



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

**3-nji oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň mejlisini geçirdi. Onda şu ýylyň dokuz aýynda ýurdumyzda alnyp barlan işleriň jemleri jemlenildi.**

**Milli parlamentde**

Bellenilişi ýaly, şu döwürde Türkmenistanyň Kanunlarynyň 16-sy kabul edildi. Şolaryň hatarynda «Bitarap Türkmenistanyň parahatçylyk we ynanyşmak syýasatynyň hukuk esaslary hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanuny, «Türkmenistanyň Raýat kodeksini tassyklamak we herekete girizmek hakynda», «Kazyýet hakynda», «Saýlawçylaryň bitewi döwlet sanawy hakynda», «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medalyny döretmek hakynda», «Ýük markalary hakynda Halkara konwensiýasyna degişli Teswirnama goşulmak hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary bar. Döwrüň talaplaryna laýyklykda, jenaýat, arbitraž, raýat we jenaýat iş ýörediş, maşgala, zähmet gatnaşyklary, salgytlar, administratiw önümçilik, awtomobil ulagy, migrasiýa, içeri işler edaralary, gümrük meseleleri bilen baglanyşykly hereket edýän käbir kanunçylyk namalaryna üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi. Şeýle-de şu döwürde Mejlisiň kararlarynyň 14-si kabul edildi.

Mejlisde daşary ýurt döwletleriniň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçileriniň 9-syndan ynanç hatlary kabul edildi, dünýäniň dürli döwletleriniň parlamentleriniň, diplomatik wekilhanalaryň wekilleri bilen ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk meseleleri boýunça duşuşyklaryň 51-si geçirildi. Şunuň bilen birlikde, Mejlisiň deputatlary we hünärmenleri kanun çykaryjylyk işini kämilleşdirmek, döwlet maksatnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça halkara guramalar bilen bilelikde guralan maslahatlaryň 78-sine gatnaşdylar. Kanun çykaryjylyk işinde tejribe alyşmak maksady bilen, deputatlaryň daşary ýurtlara iş saparlarynyň 29-sy guraldy. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň çäklerinde Parlament forumy guramaçylykly geçirildi.

Hormatly Prezidentimiz berkarar döwletimizi mundan beýläk-de ösdürmegiň we ýurdumyzyň hukuk binýadyny kämilleşdirmegiň möhümdigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz milli kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça işleri dowam etdirmegiň wajypdygyna ünsi çekdi.

Nebitgaz toplumynda

Bellenilişi ýaly, «Türkmennebit» döwlet konserni tarapyndan nebit çykarmagyň meýilnamasy 109,7 göterim boldy. Nebiti gaýtadan işleýän zawodlar tarapyndan nebiti gaýtadan işlemegiň meýilnamasy 109,4 göterim ýerine ýetirildi. Hasabat döwründe benzin öndürmegiň meýilnamasy 108,8 göterim, dizel ýangyjyny öndürmegiň meýilnamasy 101 göterim, çalgy ýaglaryny öndürmegiň meýilnamasy 100 göterim, tebigy we ugurdaş gazy çykarmagyň meýilnamasy 103,1 göterim berjaý edildi. Şunuň bilen bir hatarda, polipropilen, suwuklandyrylan gazy öndürmek, tebigy gazy daşary ýurtlara ibermek boýunça gazanylan tehniki-ykdysady görkezijiler barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, nebitgaz toplumynyň kärhanalarynyň önümçilik kuwwatyny netijeli ulanmagyň wajypdygyny belledi. Häzirki zaman tehnologiýalaryny ornaşdyrmagyň hasabyna uglewodorod serişdeleriniň täze gorlaryny açmagy dowam etdirmek, nebiti we tebigy

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ ТАДЖИКИСТАН

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Таджикистан Эмомали Рахмону по случаю его дня рождения.

«Будучи мудрым и дальновидным государственным деятелем, Вы на протяжении многих лет неустанно трудитесь на благо народа. Под Вашим руководством устойчиво развивается экономика Таджикистана, улучшается уровень жизни населения, возрастает авторитет страны на международной арене», – подчеркнул в своём послании глава Туркменского государства.

Отметив, что Туркменистан высоко оценивает нынешний уровень двустороннего сотрудничества с Республикой Таджикистан, Президент Туркменистана подтвердил приверженность дальнейшему сотрудничеству и поддержку предложений и инициатив по расширению взаимовыгодного партнёрства между нашими странами, особо подчеркнув личное внимание и огромный вклад главы Таджикистана в развитие двусторонних дружественных отношений.

Пользуясь случаем, Президент Сердар Бердымухамедов адресовал Президенту Эмомали Рахмону пожелания крепкого здоровья,семейного благополучия и новых успехов в работе, а братскому таджикскому народу– мира и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РОССИЙСКОЙ ФЕДЕРАЦИИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Российской Федерации Владимиру Путину по случаю дня рождения.

Высоко оценивая нынешний уровень всестороннего сотрудничества Туркменистана с Российской Федерацией, глава государства подчеркнул личное внимание и огромный вклад российского лидера в развитие стратегических и дружественных отношений двух стран.

«Мы намерены и в дальнейшем расширять прошедшие испытания временем политические, торгово-экономические и культурно-гуманитарные связи между нашими странами», – подчеркнул Президент Туркменистана.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Сердар Бердымухамедов выразил пожелания Президенту Владимиру Путину крепкого здоровья, счастья и успехов в деятельности, а дружественному народу Российской Федерации – благополучия и процветания.

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

gazy gaýtadan işlemegi yzygiderli kämilleşdirmek zerurdyr diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

**Maglumatlar:**

Şu ýylyň ýanwar — sentýabr aýlarynda jemi içerki önümiň ösüşi 6,3 göterime deň boldy. Şol sanda ösüş depgini senagat pudagynda 1,8 göterime, gurluşykda 7 göterime, ulag-aragatnaşyk pudagynda 10,8 göterime, söwdada 9,6 göterime, oba hojalygynda 5 göterime, hyzmatlar ulgamynda 8,4 göterime deň boldy. Hasabat döwründe 2024-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, jemi öndürilen önüm 10 göterim artyp, ykdysadyýetiň pudaklarynda oňyn önümçilik görkezijileri gazanyldy. Bölek satuw haryt dolanyşygy 13,2 göterim, daşary söwda dolanyşygy bolsa 8,5 göterim ýokarlandy. Ýanwar — sentýabr aýlarynda Döwlet býujetiniň girdeji bölegi 100,2 göterim, çykdajy bölegi bolsa 96,3 göterim ýerine ýetirildi.

Ýurdumyzyň iri we orta kärhanalarynda ortaça aýlyk zähmet haky, 2024-nji ýylyň degişli döwrüne görä, 11,8 göterim ýokarlandy. Zähmet haklary, pensiýalar, döwlet kömek pullary, talyp haklary öz wagtynda maliýeleşdirildi. Maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň möçberi, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 8,7 göterim artdy.

Şu döwürde mekdep okuwçylary halkara ders we internet bäsleşiklerinde 136 altyn, 156 kümüş, 128 bürünç, talyplar bolsa 62 altyn, 109 kümüş, 164 bürünç medala mynasyp boldular.

Sportuň milli we guşakly alyş göreşi boýunça halkara ýaryş, küşt görnüşi boýunça 8, 10 we 12 ýaşly türgenleriň arasynda halkara ýaryş guramaçylykly geçirildi. Ýurdumyzyň milli ýygyndy toparlarynyň agzalary halkara ýaryşlara gatnaşyp, jemi 754 medala mynasyp boldular.

**Oba hojalygynda**

Nygtalyşy ýaly, oba hojalyk pudagy boýunça önümçiligiň ösüş depgini, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 112,9 göterime deň boldy. Bu görkeziji Oba hojalyk ministrligi boýunça 102,3 göterime, Daşky gurşawy goramak ministrligi boýunça 100,9 göterime, Suw hojalygy baradaky döwlet komiteti boýunça 136,4 göterime, «Türkmenpagta» döwlet konserni boýunça 124,2 göterime, «Türkmengallaönümleri» döwlet birleşigi boýunça 104,6 göterime, «Türkmenobahyzmat» döwlet birleşigi boýunça 101 göterime, Azyk senagaty döwlet birleşigi boýunça 109,9 göterime, Maldarçylyk we guşçulyk senagaty döwlet birleşigi boýunça 102,6 göterime, «Türkmen atlary» döwlet birleşigi boýunça 101,1 göterime deň boldy. Maýa goýum serişdelerini özleşdirmegiň meýilnamasy 259,7 göterim ýerine ýetirildi.

Welaýatlarda bugdaý ekişi dowam edýär. Şunda ulanylýan oba hojalyk tehnikalaryny we bugdaý ekijileri netijeli işletmek, ekiş geçirilen meýdanlara gögeriş suwuny tutmak boýunça zerur çäreler görülýär. Şeýle-de welaýatlarda pagta ýygymy dowam edýär. Ýetişdirilen hasyly gysga wagtda ýygnap almak, pagta arassalaýjy kärhanalarda kabul edilen hasyly gaýtadan işlemek boýunça degişli işler geçirilýär.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, möwsümleýin oba hojalyk işlerini berk gözegçilikde saklamagyň, pagta ýygymynyň depginini artdyrmagyň, welaýatlarda bugdaý ekişine gözegçilik etmegiň, ýokary hasyl almak üçin zerur işleri geçirmegiň, maldarçylygy ösdürmek we mallaryň baş sanyny artdyrmak işine aýratyn üns bermegiň möhümdigini belledi hem-de wise-premýere bu babatda birnäçe tabşyryklary berdi.

Wise-premýer hasabatyny dowam edip, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak, döwlet dolandyryş ulgamyny kämilleşdirmek boýunça işleriň durmuşa geçirilýändigini aýtdy. Hormatly Prezidentimiziň Kararyna laýyklykda, Ahal welaýatynyň Altyn asyr, Daşoguz welaýatynyň Garaşsyzlyk we Gubadag, Lebap welaýatynyň Farap, Döwletli, Garabekewül, Mary welaýatynyň Oguzhan etrap häkimlikleri döredildi we olaryň işgär sany kesgitlenildi hem-de gurluşlary tassyklanyldy. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, ýakynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde ýurdumyzda birnäçe täze etraplary döretmek barada Kararyň kabul edilendigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz Ahal, Daşoguz, Lebap we Mary welaýatlarynyň käbir etraplaryna häkimleri we häkimleriň orunbasarlaryny wezipä bellemek barada taýýarlanan resminamalara gol çekendigini aýtdy. Arkadagly Gahryman Serdarymyz täze bellenen ýolbaşçylara üstünlikleri arzuw etdi.

**Gurluşyk we senagat toplumynda**

Bellenilişi ýaly, hasabat döwründe toplum tarapyndan öndürilen önümleriň we ýerine ýetirilen işleriň meýilnamasy 105 göterim boldy. Gurluşyk we binagärlik ministrligi boýunça öndürilen önümleriň, ýerine ýetirilen işleriň we hyzmatlaryň meýilnamasy 114,3 göterim, Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi boýunça 108,5 göterim, Energetika ministrligi boýunça 109,5 göterim ýerine ýetirildi. «Türkmenhimiýa» döwlet konserni boýunça bu görkeziji

*(Dowamy 3-nji sahypada).*



# DUŞENBEDE TÜRKMENISTANYŇ WE TÄJIGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ PREZIDENTLERINIŇ DUŞUŞYGY GEÇIRILDI

2025-nji ýylyň 9-njy oktýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow «Merkezi Aziýa - Russiýa» ikinji sammitine hem-de Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň nobatdaky mejlisine gatnaşmak üçin Täjigistan Respublikasynyň Duşenbe şäherine iş sapar bilen ugrady.

Şol gün Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmon bilen ikitaraplaýyn duşuşygy geçirildi.

Täjigistanyň Prezidenti öz kärdeşini mähirli mübärekläp, çakylygy kabul edip, Täjigistana gelendigi üçin hoşallyk bildirdi hem-de Türkmenistanyň Baştutanynyň şu gezekki saparynyň iki ýurduň arasyndaky däp bolan dostlukly gatnaşyklary has-da pugtalandyrjakdygyny nygtady.

Türkmenistanyň Prezidenti çakylyk we bildirilen myhmansöýerlik üçin minnetdarlygyny beýan edip, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň Prezident Emomali Rahmona mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Prezident Serdar Berdimuhamedow şu ýylyň awgustynda Awazada geçirilen BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyna gatnaşandygy üçin Prezident Emomali Rahmona minnetdarlyk bildirdi hem-de iki ýurduň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary berkitmäge goşan şahsy goşandy barada belledi.

Prezident Emomali Rahmon Gahryman Arkadagymyza iň gowy arzuwlaryny beýan edip, ýokary döwlet derejesindäki özara saparlaryň möhüm ähmiýetini nygtady.

Prezident Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň hem-de Täjigistanyň dünýä we sebit syýasatynyň esasy meseleleri boýunça garaýyşlarynyň köp babatda meňzeşdigini belläp, Türkmenistanyň oňyn Bitaraplyk syýasatyny, halkara başlangyçlaryny goldaýandygy üçin täjik tarapyna minnetdarlyk bildirdi.

Nygtalyşy ýaly, halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, BMG-niň çäklerinde iki ýurduň gatnaşyklarynyň oňyn tejribesi toplandy. Täjigistan BMG-niň Baş Assambleýasynyň Türkmenistan tarapyndan teklip edilen köp sanly Kararnamalarynyň awtordaşy bolup çykyş etdi. Öz gezeginde, Türkmenistan hem Täjigistanyň halkara tagallalaryna ýokary baha bermek bilen, onuň dürli halkara düzümlerde öňe sürýän netijeli başlangyçlaryny goldaýar.

Taraplar sebit howpsuzlygy we daşky gurşawy goramak ulgamlarynda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň özara gatnaşyklary babatda pikir alyşdylar. Şunuň bilen baglylykda, şu ýylyň maý aýynda Duşenbede geçirilen Buzluklary gorap saklamak boýunça ýokary derejeli halkara maslahatyň ähmiýeti barada bellenildi.

Duşuşykda taraplar Türkmenistan bilen Täjigistan Respublikasynyň arasyndaky söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk meselelerini hem ara alyp maslahatlaşdylar. Iki ýurduň bu ugurdaky mümkinçiliklerini doly derejede peýdalanmak, özara haryt dolanyşygynyň möçberini artdyrmak, ykdysady gatnaşyklary diwersifikasiýalaşdyrmak üçin zerur çäreleri durmuşa geçirmegiň maksadalaýyk boljakdygy barada bellenildi. Şunuň bilen baglylykda soňky mejlisi geçen ýylyň oktýabr aýynda Aşgabatda geçen Söwda-ykdysady we ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-täjik toparynyň orny hakynda aýratyn bellenip geçildi. Bu toparyň nobatdaky mejlisini ýakyn wagtda geçirmek mümkinçiligine seredildi.

Şeýle-de taraplar medeni-ynsanperwer ulgamyndaky hyzmatdaşlyk meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar, şunda ylym-bilim ulgamy ileri tutulýan ugruň biri hökmünde galýar.

Duşuşygyň ahyrynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow hem-de Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmon iki ýurduň däp bolan dostlukly gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmaga ygrarlydygyny tassyklap, birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

*(Başlangyjy 2-nji sahypada).*

101,1 göterime barabar boldy. Awtomobil ýollarynyň gurluşygyny dolandyrmak baradaky döwlet agentligi tarapyndan ýerine ýetirilen işleriň meýilnamasy 103,3 göterim berjaý edildi. Aşgabat şäheriniň häkimligi boýunça alnyp barlan işleriň möçberi 99 million manada deň boldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, gurluşyk we senagat toplumy boýunça öndürilýän önümleriň möçberini has-da artdyrmak üçin degişli çäreleri görmegiň, täze kärhanalary işe girizmek, önümçilik kuwwatlyklaryny netijeli peýdalanmak boýunça işleri dowam etdirmegiň möhümdigine ünsi çekdi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýere şu ýylda açylyp ulanmaga beriljek binalaryň we desgalaryň gurluşygynyň bellenen möhletlerde tamamlanmagyna berk gözegçilik etmegi tabşyrdy.

**Medeniýetde**

Nygtalyşy ýaly, 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi, hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygy, milli senenamamyzda göz öňünde tutulan baýramçylyklar we şanly seneler mynasybetli dürli medeni çärelerdir dabaralar geçirildi. Yglan edilen döredijilik bäsleşikleriniň jemleri jemlendi. Şu ýylyň sentýabr aýynda paýtagtymyzdaky Mejlisler merkezinde Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzyň medeniýet we sungat ussatlarynyň baýramçylyk konserti, Döwlet münberiniň öňünde dabaraly baýramçylyk ýörişi, «Älem» medeni-dynç alyş merkeziniň öňündäki meýdançada baýramçylyk konserti geçirildi. Şeýle hem kitaphanalar, muzeýler, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri tarapyndan ýerine ýetirilen işler barada hasabat berildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, medeniýet ulgamynyň işini kämilleşdirmek, medeni mirasymyzy giňden wagyz etmek we geljek nesillerimize ýetirmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere ýerlerde kitaphanalaryň, medeniýet edaralarynyň alyp barýan işini kämilleşdirmek babatda edilýän işleri berk gözegçilikde saklamagy, ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyny bellemäge gowy taýýarlyk görmegi tabşyrdy.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, ýurdumyzda şu ýylyň dokuz aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleriniň kabul edilen maksatnamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini belledi. Hasabat döwründe jemi içerki önümiň ösüş depgini 6,3 göterime deň boldy. Ýurdumyzda senagat we durmuş maksatly binalardyr desgalar açylyp ulanmaga berildi, ykdysadyýetimiziň pudaklarynda özgertmeler üstünlikli dowam edýär, önümçilik pudaklary yzygiderli döwrebaplaşdyrylýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan mundan beýläk-de ösdürmek, raýatlarymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak boýunça işleri üstünlikli durmuşa geçirmegi dowam etdirmegiň wajypdygyna ünsi çekdi.



# ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛ УЧАСТИЕ ВО ВТОРОМ САММИТЕ «ЦЕНТРАЛЬНАЯ АЗИЯ–РОССИЯ»

9 октября 2025 года Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов принял участия во втором Саммите «Центральная Азия–Россия», который состоялся во Дворце приемов в Душанбе.

В Саммите, прошедшем под председательством Президента Республики Таджикистан, также приняли участие Президенты Республики Казахстан, Кыргызской Республики, Республики Узбекистан и Российской Федерации.

Перед заседанием состоялась церемония совместного фотографирования участников Саммита «Центральная Азия–Россия».

Тепло поприветствовав участников встречи, Президент Эмомали Рахмон выразил всем признательность за принятие приглашения посетить Таджикистан, выразив уверенность, в том что данный Саммит выведет сотрудничество на качественно новый уровень.

Затем выступили участники заседания.

В своем выступлении Президент Сердар Бердымухамедов поблагодарил Президента Республики Таджикистан Эмомали Рахмона за теплый приём и гостеприимство.

Президент Туркменистана отметил, что Центральная Азия и Россия не только образуют широкое географическое пространство, но и объединены многовековыми историческими, политическими, экономическими, культурными и гуманитарными связями.

Была подчеркнута важность совместной деятельности по упрочению стабильности и безопасности в Центральной Азии. В этом контексте выделена важность координации взаимодействия в международных структурах, в частности ООН.

Президент Туркменистана отметил, что необходимо вернуть международные отношения в русло цивилизованного общения, восстановить культуру уважительного диалога, предсказуемости и доверия.

Он рассказал о позиции и инициативах Туркменистана касательно расширения экономических связей, взаимодействия в сфере транспортной взаимосвязанности, энергетики, инноваций и экологии.

Глава Туркменистана отметил значимость культурно-гуманитарных связей между странами данного формата.

В завершение своего выступления Президент Сердар Бердымухамедов подтвердил готовность Туркменистана к сотрудничеству, убеждённость в необходимости и большом потенциале такого формата взаимодействия, как «Центральная Азия–Россия».

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI HORWATIÝA RESPUBLIKASYNYŇ DAŞARY WE ÝEWROPA IŞLERI MINISTRINI KABUL ETDI

2025-nji ýylyň 7-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Horwatiýa Respublikasynyň daşary we Ýewropa işleri ministri Gordan Grliç-Radmany kabul etdi.

Myhman wagt tapyp kabul edendigi üçin Prezident Serdar Berdimuhamedowa hoşallyk bildirip, Horwatiýanyň Türkmenistan bilen dostlukly gatnaşyklara ýokary baha berýändigini belledi hem-de pursatdan peýdalanyp, Horwatiýa Respublikasynyň Prezidenti Zoran Milanowiçiň we Premýer-ministri Andreý Plenkowiçiň Türkmenistanyň Prezidentine hem-de Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyza iberen mähirli salamyny ýetirdi.

Prezident Serdar Berdimuhamedow myhmany mähirli mübärekläp, dostlukly ýurduň ýolbaşçylaryna mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny beýan etdi hem-de bu saparyň ikitaraplaýyn gatnaşyklary giňeltmekde möhüm ädim boljakdygyna, özara bähbitli hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdürilmegine täze itergi berjekdigine ynam bildirdi.

Ýurtlarymyzyň arasyndaky syýasy-diplomatik gatnaşyklar işjeň häsiýete eýedir. Horwatiýanyň Türkmenistanyň BMG-niň çäklerinde öňe sürýän netijeli başlangyçlarynyň awtordaşy bolmagy, Türkmenistanyň hem, öz gezeginde, birnäçe halkara guramalara saýlawlarda Horwatiýa Respublikasyny goldamagy munuň aýdyň mysalydyr.

Prezident Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň Ýewropa sebitiniň döwletleri bilen netijeli hyzmatdaşlygy alyp barýandygyny, Türkmenistan bilen Horwatiýa Respublikasynyň arasyndaky ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň hem dostluk, deňhukuklylyk, özara düşünişmek ýörelgelerine esaslanýandygyny aýtdy.

Döwlet Baştutany Türkmenistanyň syýasy, ykdysady, söwda we medeni-ynsanperwer ulgamlarda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürmäge gyzyklanma bildirýändigini aýdyp, ýurdumyzyň bu babatda horwat tarapynyň anyk tekliplerine seretmäge taýýardygyny tassyklady.

Duşuşygyň ahyrynda Prezident Serdar Berdimuhamedow we Horwatiýa Respublikasynyň daşary we Ýewropa işleri ministri Gordan Grliç-Radman birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

# WORKING VISIT OF THE NATIONAL LEADER OF THE TURKMEN PEOPLE, CHAIRMAN OF THE HALK MASLAHATY OF TURKMENISTAN TO THE REPUBLIC OF AZERBAIJAN




On October 7, 2025, the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov paid a working visit to the Republic of Azerbaijan to participate in the XII Summit of Heads of State of the Organization of Turkic States (OTS).

At the Qabala International Airport, Hero-Arkadag was warmly welcomed by the officials of Azerbaijan and members of the Turkmen delegation.

The Summit of Heads of State of the OTS was held at the Heydar Aliyev Congress Center. Upon arrival at the Center, Hero-Arkadag was warmly welcomed by President of the Republic of Azerbaijan Ilham Aliyev.

Before the start of the Summit, a joint photo of the heads of delegations of the OTS member countries took place.

The President of the Republic of Azerbaijan expressed his gratitude for the invitation, noting the importance of the OTS in strengthening solidarity among peoples who share a common history, language, culture, and spiritual and moral values.

Then, the floor was given to the participants of the Summit.

At the beginning of his speech, the Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan expressed his sincere gratitude to the President of the Republic of Azerbaijan for the invitation to the Summit and for the hospitality, noting that the OTS is an international structure uniting friendly peoples and is based on their common history, culture, spiritual heritage, and language.

He emphasized the important role of the OTS in strengthening unity, friendship, and brotherhood between the countries of the Turkic world, as well as in coordinating joint efforts at the regional and international levels.

In his speech, Hero-Arkadag emphasized the common historical, cultural, and spiritual values of the peoples of the Turkic states.

The significance of the political legacy of the Turkmen people, whose heritage dates back to the Oghuz tribes, was empasized. Hero-Arkadag noted that over the past centuries, the Turkmen people, together with other brotherly peoples, have come a long way in history, not only affirming the principles, traditions, and customs of statehood, but also making a significant contribution to the expansion of relations and cultural exchange, and the establishment of various trade routes in the Eurasian space.

“Over the past centuries, the peoples living in these states have maintained political, economic, and cultural ties. An example of this is the Great Silk Road,” Hero-Arkadag highlighted.

It was noted that Turkmenistan attaches great importance to strengthening multilateral and bilateral cooperation with the OTS countries and is making great efforts to strengthen mutually beneficial ties based on equality, mutual respect, and strategic partnership.

In this context, Turkmenistan is actively implementing major projects in the fields of energy, transport, logistics, communications, and others.

In addition, the importance of cultural and humanitarian ties within the framework of the OTS was emphasized.

In this regard, Hero-Arkadag announced a proposal to strengthen activities for arranging joint cultural events. It was noted that the Days of Culture of Turkmenistan are planned to be held in Azerbaijan in the near future.

Efforts to preserve the carpet-weaving traditions of the two peoples and revive the ancient art of horse breeding were noted. Hero-Arkadag emphasized the expansion of ties in the fields of science, education, and sports.

Hero-Arkadag underlined that, following the guidelines of the ancestors, Turkmenistan is ready for closer and more constructive cooperation with all the states of the OTS to achieve the noble goals set.

During his speech, the National Leader of the Turkmen people noted that, on upon initiative of Turkmenistan, the UN General Assembly had declared 2025 as the “International Year of Peace and Trust” and invited all participants of the Summit to the International Forum dedicated to the 30th anniversary of Turkmenistan’s neutrality, scheduled to be held on December 12 of current year in Ashgabat.

In conclusion, Hero-Arkadag wished everyone good health and great success in their work, and wished the brotherly peoples of the Turkic states well-being, prosperity, as well as peaceful and happy life.

President Ilham Aliyev thanked Hero-Arkadag for his meaningful speech and proposals, which are of great importance in further strengthening friendly and fraternal relations between the Turkic states.

# TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY GAHRYMAN ARKADAGYMYZ ARKADAG ŞÄHERINIŇ GURLUŞYGYNYŇ IKINJI TAPGYRY BOÝUNÇA TAÝÝARLANAN TASLAMALAR BILEN TANYŞDY

2025-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäherine iş saparyny amala aşyrdy. Gahryman Arkadagymyz bu ýerde şäheriň çäklerinde gurulmagy hem-de döwrebaplaşdyrylmagy meýilleşdirilýän desgalaryň şekil taslamalary bilen tanyşdy.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow ir bilen Arkadag şäherine gelende, täze şäheriň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda bina edilmegi meýilleşdirilýän önümçilik toplumlarynyň, ýol-ulag düzümine degişli desgalaryň we beýleki binalaryň taýýarlanan şekil taslamalary görkezildi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazow we Arkadag şäheriniň häkimi G.Mämmedowa şäheri mundan beýläk-de ösdürmegiň meýilnamasyna laýyklykda alnyp barylýan işler barada hasabat berdiler.

Ilkinji nobatda, Gahryman Arkadagymyza şäheriň «Arkadag Medisina Klasteri Menejment» kärhanasynyň önümleriniň we çaga iýmitleriniň şu ýylyň sentýabrynda Moskwada geçirilen gözden geçirilişde «Ýylyň önümi» atly altyn medala we degişli diploma mynasyp bolandygy barada ky hoş habar aýdyldy.

Bu ýerde görkezilýän şekil taslamalarynyň hatarynda Arkadag şäheriniň lukmançylyk klasteriniň sanjym önümleriniň önümçiligine niýetlenen kärhananyň, baş metjidiň girelgesiniň taslamalary, «Ahalteke atlary» şaýoluny döwrebaplaşdyrmak, Janly tebigatyň milli muzeýine çenli teklip edilýän täze ýoly gurmak boýunça, şeýle-de ýol-ulag düzümine degişli taslamalar bar. Arkadag şäheriniň çäklerinde, dürli maksatly binalaryň aralarynda we ýol ýakalarynda ekilmegi meýilleşdirilýän bag nahallarynyň, dürli gülleriň görnüşleri-de görkezildi. Mundan başga-da, Arkadag şäheriniň Saglygy goraýyş müdirliginiň ylmy-barlag we okuw merkeziniň Milli sanly saglygy goraýyş ulgamynyň hassalaryň maglumatlaryny dolandyrýan merkeziniň şekil taslamalary bar.

Milli Liderimiz şekil taslamalaryny synlap, olara degişli birnäçe belliklerini aýtdy we degişli düzedişleri girizdi. Şeýle hem täze şäheriň metjidiniň girelgesiniň bezeg işlerinde, ýol-ulag düzümine degişli desgalaryň gurluşygynda degişli ugurlara mahsus bezeg, gurluşyk serişdeleriniň ulanylmagy wajyp wezipeleriň hatarynda kesgitlenendir. Şeýle-de täze şäherde oturdylmagy meýilleşdirilýän bag nahallarynyň, dürli gülleriň görnüşleri boýunça öz maslahatlaryny berdi.




Soňra Gahryman Arkadagymyz bu ýerde iş maslahatyny geçirdi. Iş maslahatynyň barşynda, ilki bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazow häzirki döwürde täze şäheriň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda alnyp barylýan işleriň ýagdaýy, lukmançylyk klasterine degişli desgalaryň gurluşyklary boýunça taýýarlanylan maksatnamanyň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdi. Soňra Arkadag şäheriniň häkimi G.Mämmedowa täze şäheriň çäklerinde arassaçylyk we abadançylyk işleriniň geçirilişi barada hasabat berdi. Şeýle hem Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň güni, lukman Arkadagymyzyň tagallasy bilen işlenip taýýarlanylan «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň kabul edilmeginiň 30 ýyllygy mynasybetli paýtagtymyzda guraljak giň möçberli sergide Arkadag şäheriniň saglygy goraýyş ulgamynyň gazanan üstünliklerine bagyşlanan pawilýony guramak işleri hakynda aýdyldy.

Lukman Arkadagymyz milli saglygy goraýyş ulgamynda möhüm ähmiýeti bolan giň möçberli sergä işjeň gatnaşmagyň wajypdygyna ünsi çekip, onda bu ugurda alnyp barylýan giň möçberli işleriň öz beýanyny tapmalydygyny belledi. Iş maslahatynyň dowamynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň wise-prezidenti R.Bazarow halkymyzyň asyrlaryň dowamynda döreden ynsanperwer däplerine eýerip, häzirki wagtda täze desgalary gurmak we döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan degişli ylalaşyk işleri barada hasabat berdi.

Milli Liderimiz welaýatlardan gelip gowşan ýüztutmalary nazara alyp, olaryň ýokary derejede durmuşa geçirilmegi ugrunda zerur tagallalaryň edilmelidigine ünsi çekip, Halk Maslahatynyň Başlygy degişli ylalaşyklaryň baglaşylmagy ugrunda wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi boýunça ugurdaş düzümleriň sazlaşykly işiniň ýola goýulmalydygyny aýtdy.

Arkadag şäheriniň Saglygy goraýyş müdirliginiň başlygy Ý.Işangulyýew häzirki döwürde täze şäheriň çäklerinde ylmy-barlag we okuw merkezini döretmek, häzirki zaman dispetçer ulgamyny esaslandyrmak, gelip gowuşýan maglumatlary netijeli öwrenmek, Arkadag şäheriniň ilatynyň saglyk ýagdaýy baradaky elektron maglumatlary jemlemek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Milli Liderimiz meýilleşdirilen çäreleriň ýokary derejede ýerine ýetirilmegi ugrunda zerur tagallalaryň edilmelidigini, degişli ugurlar boýunça kämil hünärmenleriň taýýarlanylmagyna, keseli bejermekden ozal, onuň öňüniň alynmagyna aýratyn ähmiýet berilmelidigini nygtady. Milli Liderimiz iş maslahatyny jemläp, bu ýerden ugrady.

Gahryman Arkadagymyz ýolugra täze şäheriň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda bina edilýän kottejler toplumynyň we döwrebap ýaşaýyş jaýlarynyň ýanynda saklanyp, şäheriň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda ýaýbaňlandyrylan işleriň batly depginde dowam etdirilmegi babatda maslahatlaryny berdi.

Şol gün türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň görkezmesi boýunça Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy bilen «Sport ýyldyzy» we «Aga-gurluşyk» hususy kärhanalarynyň arasynda durmuş maksatly binalary gurmak we ozal bar bolanlaryny döwrebaplaşdyrmak boýunça ikitaraplaýyn şertnamalara gol çekmek dabarasy boldy. Arkadag şäherinde ylalaşylan şertnamalara laýyklykda, «Sport ýyldyzy» hususy kärhanasyna «Jahan» döredijilik merkeziniň binalaryny döwrebaplaşdyrmak we onuň çäginde köpugurly sport toplumyny gurmak hem-de «Şehitler» metjidini döwrebaplaşdyrmak, onuň ýanaşyk ýerlerini abadanlaşdyrmak wezipesi ynanyldy.

Mundan başga-da, gol çekilen şertnama laýyklykda, «Aga-gurluşyk» hususy kärhanasy Azerbaýjan Respublikasynyň Fizuli şäherinde gurulmagy meýilleşdirilýän metjidiň taslamasyny taýýarlamak we ony gurmak işlerini ýerine ýetirer.

# THE SECOND MEETING OF THE HEADS OF PARLIAMENT OF THE MEMBER STATES OF THE GROUP OF FRIENDS OF NEUTRALITY TOOK PLACE




On October 9, 2025, the second meeting of the Heads of Parliaments of the member states of the Group of Friends of Neutrality, entitled "Interparliamentary Dialogue – an Important Tool for Ensuring Peace and Trust in the World" was held in the premises of the Mejlis of Turkmenistan. The event took place in the hybrid format.

The meeting was attended by the heads of legislative bodies of the member states of the Group, representatives of the Inter-Parliamentary Union, the Council of the Interparliamentary Assembly of the CIS, as well as agencies of the United Nations Organization, including the UN Regional Centre for Preventive Diplomacy for Central Asia.

The session was chaired by the Chairwoman of the Mejlis of Turkmenistan Ms. Dunyagozel Gulmanova.

Participants of the meeting highly appraised the role of Turkmenistan's permanent neutrality as a positive factor contributing to the strengthening of stability at both regional and global levels. It was emphasized that the United Nations remains a reliable partner of Turkmenistan in matters of ensuring peace and security.

It was stated that parliamentary diplomacy serves as an important instrument for strengthening friendship among people and as an effective mechanism for the development of international partnership. In this context, the speakers expressed support for the initiative of the President of Turkmenistan His Excellency Serdar Berdimuhamedov to declare the year 2028 as the Year of International Law, which will become a significant step towards reinforcing the international legal foundations of peace and cooperation.

In conclusion, the participants exchanged views on the role of interparliamentary dialogue as an effective tool for building trust and finding common solutions to global challenges. The importance of institutional consolidation of the principles of neutrality through the improvement of the legislative framework was also emphasized.




# МИНИСТР ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛ УЧАСТИЕ В ОЧЕРЕДНОМ ЗАСЕДАНИИ СОВЕТА МИНИСТРОВ ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ СНГ

9 октября 2025 года в Душанбе состоялось очередное заседание Совета министров иностранных дел Содружества Независимых Государств. В заседании принял участие Министр иностранных дел Туркменистана Рашид Мередов.

В ходе заседания главы внешнеполитических ведомств стран СНГ обсудили актуальные вопросы региональной и международной повестки дня. Участники обсудили нынешнее положение и перспективы взаимодействия в рамках Содружества.

Отдельное внимание было уделено вопросам развития международной и торгово-экономической кооперации, активизации связей в цифровой, транспортно-транзитной и других сферах.

Участники заседания также обсудили вопросы культурно-гуманитарного сотрудничества.

Особое внимание было уделено сохранению и использованию памятников историко-культурного наследия, развитию музейного и библиотечного дела, поддержке театрального искусства и музыки, развитию кинематографии и подготовке квалифицированных кадров для сферы культуры.

Совет министров иностранных дел утвердил План многоуровневых межмидовских консультаций в рамках Содружества Независимых Государств на 2026 год.

Следующее заседание Совета министров иностранных дел СНГ намечено на 17 апреля 2026 года в Калининграде.



# ISSUES OF TURKMEN-JAPANESE COOPERATION DISCUSSED AT THE MINISTRY OF FOREIGN AFFAIRS OF TURKMENISTAN

On 9 October 2025, the Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Myahri Byashimova had a meeting with the Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of Japan to Turkmenistan Hiroshi Sasaki.

During the meeting, the sides noted the high level of development of Turkmen-Japanese relations in the political-diplomatic, trade-economic and cultural-humanitarian spheres.

The parties discussed opportunities for strengthening cooperation within international organisations, primarily the UN.

The diplomats confirmed the interest of both countries in further development of the partnership in all areas of mutual interest.

## В Женеве состоялась Неделя устойчивой энергетики ЕЭК ООН 2025

С 29 сентября по 2 октября 2025 года, в Женеве состоялась Неделя устойчивой энергетики ЕЭК ООН 2025, прошедшая под девизом «Справедливый переход к созданию устойчивых энергетических систем». Мероприятие собрало широкий круг экспертов, представителей государственных структур, международных организаций и других заинтересованных сторон.

В мероприятиях Недели приняла участие делегация Туркменистана во главе с заместителем Председателя Государственного концерна «Туркменнебит».

В рамках Недели прошли заседания Группы экспертов по энергоэффективности; Группы экспертов по более чистым электроэнергетическим системам; Группы экспертов по возобновляемым источникам энергии; Комитета по устойчивой энергетике.

Основное внимание в ходе дискуссий было уделено вопросам развития возобновляемой энергетики, повышения энергоэффективности в промышленности и строительстве, укрепления устойчивости энергетических систем, цифровой трансформации, устойчивой мобильности, адаптации кадров и расширения доступа к современным технологиям.

Участники также рассмотрели ход реализации рабочих планов на 2024–2025 годы и опре-



делили стратегические приоритеты на период 2026–2027 годов.

В ходе 34-й сессии Комитета по устойчивой энергетике была дана оценка достигнутому прогрессу с момента предыдущей сессии и обозначены дальнейшие направления работы в условиях актуальных вызовов мировой энергетической повестки.

## В Берне состоялась встреча между Чрезвычайным и Полномочным Послом, Постоянным представителем Туркменистана



7 октября 2025 года в Берне состоялась встреча между Чрезвычайным и Полномочным Послом, Постоянным представителем Туркменистана при Отделении ООН в Женеве Вепа Хаджиевым и Пьером-Ивом Фуксом, Руководителем Евразийского отдела Государственного секретариата Федерального департамента иностранных дел (FDFA) Швейцарской Конфедерации, с рангом посла.

В ходе встречи стороны высоко оценили уровень и темпы развития двусторонних отношений между Туркменистаном и Швейцарской Конфедерацией по всему спектру направлений сотрудничества. Особое внимание было уделено торгово-экономическому взаимодействию, а также вопросам расширения партнёрства в гуманитарной и международной сферах, А также организации визитов на высоком уровне.

Швейцарская сторона выразила благодарность Туркменистану за организацию встречи на высшем уровне в Нью-Йорке и отметила важность продолжения активного диалога в духе взаимопонимания и конструктивного сотрудничества.

## ВСТРЕЧА ПОСЛА ТУРКМЕНИСТАНА В МИНИСТЕРСТВЕ ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ ГРУЗИИ

1 октября 2025 года в здании МИД состоялась встреча Чрезвычайного и Полномочного Посла Туркменистана в Грузии Д.Сейитмаммедова с Главой департамента по консульским вопросам и вопросам диаспоры Министерства иностранных дел Грузии Н. Комахидзе.

В ходе встречи стороны рассмотрели вопросы двустороннего сотрудничества в политико-дипломатической, торгово-эконмической и культурно-гуманитарной сферах. Было отмечено, что туркмено-грузинские отношения, носящие традиционно дружественный и конструктивный характер, основаны на принципах равенства, взаимного уважения и доверия.



Посол также проинформировал Н.Комахидзе о проведении в декабре нынешнего года международного форума на высоком уровне, посвященного Международному году мира и доверия и 30-летию постоянного Нейтралитета Туркменистана.

Отмечая особую роль в укреплении двусторонних отношений визитов на высшем уровне, стороны подчеркнули, что в этом году Премьер-министр Грузии дважды посетил Туркменистан.

В рамках визитов состоялись встречи Премьер-Министра Грузии И.Кобахидзе с Президентом Туркменистана С.Бердымухаммедовым, а также встречи между главами внешнеполитических ведомств двух стран. Эти визиты служат важнейшей площадкой для обсуждения вопросов, представляющих взаимный интерес, а также создают условия для эффективной реализации совместных инициатив.

В ходе встречи были рассмотрены также вопросы проведения двусторонних консультаций по консульским и культурно-гуманитарным вопросам в рамках Программы сотрудничества между Министерством иностранных дел Туркменистана и Министерством иностранных дел Грузии на 2025-2026 годы, подписанной в Туркменистане во время встречи глав внешнеполитических ведомств двух стран.

Собеседники выразили готовность продолжать конструктивный диалог и наращивать взаимодействие по всем направлениям двустороннего сотрудничества.




### *Активизация межрегионального сотрудничества между Туркменистаном и Ираном*

В городе Боджнурд провинции Северный Хорасан состоялась национальная конференция по инвестиционным возможностям. На конференции выступили Вице-президент Ирана Джафар Гаемпана, Губернатор провинции Северный Хорасан Бахман Нури, Посол Туркменистана в Иране, депутаты Меджлиса и другие официальные лица.

Также состоялась встреча между Послом Туркменистана в Иране и губернатором Северного Хорасана Бахманом Нури.

В ходе встречи стороны обсудили вопросы дальнейшего развития межрегионального сотрудничества между двумя странами. Кроме того, была подчеркнута важность визитов высокого уровня между Туркменистаном и Ираном.

Также отмечена значимость Международного форума, который состоится в декабре этого года в Ашхабаде и будет приурочен к 30-летию постоянного нейтралитета Туркменистана.

### *Состоялась встреча Чрезвычайного и Полномочного Посла Туркменистана в Итальянской Республике с Министром по делам предприятий и продукции*

6 октября 2025 года состоялась встреча Чрезвычайного и Полномочного Посла Туркменистана в Итальянской Республике Т.Комекова с Министром по делам предприятий и продукции «Сделано в Италии» Урсо Адольфо.

В ходе встречи особое внимание было уделено вопросам организации бизнес-форума с участием туркменских и итальянских представителей частного крупного бизнеса и государственного сектора, финансового и экономического круга, а также крупных итальянских компаний в октябре текущего года в Итальянской Республике.

Также были рассмотрены дальнейшие шаги по укреплению двустороннего сотрудничества в рамках международных организаций и углубления отношений в торгово-экономической сфере, в частности проведении различных мероприятий с участием руководителей профильных ведомств.

В завершении встречи стороны обменялись наилучшими пожеланиями мира и процветания для народов Туркменистана и Италии, подчеркнув важность дальнейшего укрепления партнерства между двумя странами.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***